Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# 8. ATLAR

## a) HAS WE JYNS ATLAR

**167-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň we* **kim?, näme?, nire?** *diýen soraglara jogap bolýan sözleri aýdyp beriň.*

Ata gelýär. Daýym işleýär. Galam aldym. Aşgabat Türkmenistanyň paýtagtydyr. Daýhanlar kelem ýygýarlar.

Arçman Asgabadyň günbatar tarapynda ýerleşýär. Meret kitap okaýar.

Kim?, näme?, nire? diýen soraglara jogap bolýan sözlere atlar diýilýär.

**168-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we göçüriň. Degişli soraglar arkaly atlary tapyp, aşagyny çyzyň.

Jeren surat çekyar. Mugallym okadýar. Ussa gapy ýasaýar. Garrygala daglyk ýer. Tejen Aşgabadyň gündogar tarapynda ýerleşýär.

Mary gadymy şäherlerinň biridir.

* * *

**169-nji gönükme.** *Sözlemleri ilki okaň, soňn göçüriň.* **Kim?, näme?, nire?** *diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.*

Sona terbiýeçi bölüp işleýär. Çagalar surat görýärleı Balkanabat uly şäherleriň biridir. Tejende pagta köp ekilyär.

Kakam Lebaba myhmançylyga gitdi. Okuwçylar top oýnaýärlar. Türkmenistanda gawun, garpyz, hyýar, pomidor ýaly gök önümler ýetişdirilýär.

*Türkmenistan*

*Aşagyny çyzan sözleriňize nähili sözler diýilýändigini aýdyň.*

* * *

Turkmenkultur.com

## **170-nji gönükme.** *Hekaýajygy okaň. Has gara ýazylan sözleriň haýsy soraglara jogap bolýandygyny we olara nähili sözler diýilýändigini aýdyň.*

# KÖWÜK

**Çagalar,** siz köwük diýilýan haýwany bilýärsiňizmi? Oňa **gum** pisigi-de diýilýär. **Köwük** pişige görä ulurak. **Pişik** ýaly ala-mula däl-de, goňras **haýwan.** Köwük gaty gaharjaň. Ony boş el bilen tutjak gümanyň ýok.

Ol üstüni aldyraýsa, **adama** topulmaga-da taýyn. Köwük **çöllerde** gezyär. **Alaka,** syçan iýip oňýar.

*A. Orazmyradow, «Köz çokaň togdary».*

*Hekaýajygyň mazmunyny öz sözleriňiz bilen aýdyp beriň.*

* * *

## **171-nji gönükme.** *Her soragyň gapdalyndan şol soraga jogap bolýan alty sany at sözüni ýazyň.*

**Kim?— Näme?— Nire?—**

*Nusga:* ***Kim?** — Öwez, işçi, ..*

***Näme?** — käkilik, kagyz, ...*

***Nire?** — Bäherden, Türkmenabat, ...*

* * *

## **172-nji gönükme.** *Her surata degişli soragyň jogabyny depderiňize ýazyň we atlaryň aşagyny cyzyň.*





Turkmenkultur.com

Bu kim? Bu kim? Bu kim?





Bu näme?

Bu kim?







Bu näme? Bu näme? Bu näme?

***Nusga:*** Bu sazanda.

**173-nji gönükme.** *Hekaýajygy okaň. Has gara ýazylan sözleriň haýsy soraga jogap bolýandygyny we* o|gra *nähili sözler diýilýändigini aýdyň.*

**Suw** ýasaýşyň gözbaşydyr. **Durmuşy** suwsuz göz öňüne getirmek mumkin däl. **Adamlar, haýwanlar, ösümlikler** hem suwsuz ýaşap bilmezler.

Şonuň üçin suwy zaýalaman, tygşytly ulanmak her birimiziň borjumyzdyr. **Halkymyz** suwuň her damjasyny **altyna** deňeýär.

Her **ýylyň** aprel **aýynda** suw **baýramyny** "Suw **damjasý** - altyn dänesi" ady bilen belläp geçýäris.

Häzirki wagtda Beýik mertebeli Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy ýurdumyzda bol suw goruny döretmek ugrunda köp **işleri** durmuşa geçirýär. Merkezi Garagumda dörediljek **köl** hem bu ugurdaky işlerin esasylarynyň Biridir.

1. *Hekaýajygyň mazmunyna laýyk sözbaşy tapyň.*

2. **Gör** *sözüniň manysyny düşündiriň.*

*damja*

Turkmenkultur.com

**174-nji gönükme.** *Sözleri okaň. Soňra nusgada görkezilişi ýaly edip, olary depderiňize göçüriň.*

Adam, işçi, serçe, kepderi, Oraz, Büzmeyin, Arçabil, doganym,

Myratdurdy, tilki, agaç, goýun, daýhan, lukman, demir, Daşoguz,

Bereket, torgaý, Türkmenabat, Mary, Aşgabat.

***Nusga:***

| Kim? diýen soraga jogap bolýanlar. | Näme? diýen soraga jogap bolýanlar. | Nire? diýen soraga jogap bolýanlar. |
|---|---|---|
| Adam<br>*işçi*<br>.... | *serçe*<br>*kepderi*<br>.... | *Büzmeýin*<br>*Arçabil*<br>.... |

1. *Göçüren sözleriňize nähili sözler diyilýändigini aýdyň.*

2. Lukman *sözilniň manysyny sözlükden öwreniiň.*

* * *

**175-nji gönükme.***Okaň we atlary saýlap, goşulmasyz asyl söz görnüşinde depderiňize göçüriň.*

Çaryýew obadan düýn geldi. Ata guşlara iým berdi. Doganym bazardan erik, alma, şetdaly aldy. Aşyr Tejene gitdi.

Anna Arçabilde dynç alar. Gaz geçse, gapyňy aç, durna geçse, durlugyňy yap.

***Nusga:*** *Çary, oba, ...*

* * *

**176-nji gönükme.** *Aşakdaky sözleri okaň we olara berilýän soraglary aýdyp beriň*

| | |
|---|---|
| Etrek (...?) | owlak(...?) |
| Mary(...?) | bagşy (...?) |
| tikinçi(...?) | galam(...?) |
| Gözel(...?) | owuk(...?) |
| ädikçi(...?) | injir(...?) |
| tokly(...?) | Annajemal(...?) |
| serçe(... ?) | Baýramaly (... ?) |
| mugallym(...?) | öküz(...?) |
| Balkanabat(...?) | adik(...?) |
| sygyr(...?) | Tawus(...?) |

*Bu sözlere nähili sözler diýilýär?*

*injir*

**177-nji gönükme.** *Özüňizden* **kim?, näme?, nire?**

*diýen soraglaryň her birine jogap bolýan yedi sany söz tapyp, depderiňize ýazyň. Ol sözlere nähili sözler diýilýändigini aýdyň.*

* * *

**178-nji gönükme.** *Okaň. Has gara ýazylan sözlerin nämäniň adyny aňladýandygyny we olaryň birinji harpynyň baş harp bilen ýazylmagynyň sebäbini aýdyň.*

**Sapar,** galam, torum, **Gözel, Jahan, Tejen, Kiýew,** ülje, it, **Aždar,** ýagyş, at, **Meleguş, Aşgabat?** sygyr, top, **Moskwa,** derýa, suw, **Amyderýa, Murgap,** dag, **Balkan, Köpetdag.**

*Bu atlaryň baş harp bilen ýazylanlaryny biraýry, beýlekilerini biraýry göçüriň.*

Turkmenkult.com

**Atlar iki hili bolýar: 1.** *Has atlar.* **2.** *Jyns atlar.* **Adamlara, obalara, şäherlere, daglara, derýalara, haýwanlara dakylýan atlara has atlar diýilýär. Has atlaryň birinji harpy baş harp bilen ýazylýar.**

**Meselem:** *Ata, Gökdepe, Köpetdag, Murgap, Aždar.*

**Umumy zatlary, düşünjeleri bildirýän atlara jyns atlar diýilýär. Jyns atlaryň birinji harpy setir harpy bilen ýazylýar.**

**Meselem:** *dag, dere, el, galam, ülke, mekdep, ýelim, adam, guş***.**

**179-nji gönükme.** *Sözleri okaň we olaryň haýsysynyň has, haýsysynyň jyns atdygyny aýdyp beriň.*

Balkanabat, Orazow, gurjak, öý, Maral, ördek, gaz, el, Aždar, Akýaýla obasy, Garagan obasy, Türkmenbaşy, Serdar, ýorgan, keçe, düşek, injir, Küren dagy, Tejen derýasy, "Täze ýol" daýhan birleşigi, Aynagözel, kitap, guşak, horaz, jüýje, Meredowa.

*Has atlary saýlap göçürň we olaryň ilkinji harpynyň nähili harp bilen ýazylýandygyny aýdyň.*

***horaz***

**180-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň we göçüriň. Jyns atlaryň aşagyny çyzyň.*

**Biz** Bamy obasynda ýasaýarys. Biziň obamyz demir ýoluň boýunda ýerlesýar. Daýhan birleşigimiz Magtymguly Pyragynyň adyny göterýar.

Obamyz köp pagta ekýär. Pagtadan bol hasyl alýar.

**181-nji gönükme.** *Sözleri okaň we göçüriň. Jyns atlaryň aşagyny çyzyň we olaryň ilkinji harpynyň nähili harp bilen ýazylýandygyny aýdyň.*

1. Myrat dukändan kitap, galam, depder aldy. Ol mekdebe gitdi. Myrat surat çekýar. 2. Galýa bilen Bahar howluda oýnadylar, gül ýygdylar. Kiçijik bedre bilen suw çekdiler.

Turkmenkultur

**182-nji gönükme.** *Hekaýajygy okaň we has atlary saýlap , depderiňize göçüriň.*

**Azat** Jaňly obasynda ýaşaýar. "Ýagtylyk" hem-de "Azatlyk" daýhan birleşikleri bu oba degişli. Azat üçünji klasda okaýar.

Jeren, Gözel, Maksat, Soňa dagy hem Azat bilen bir klasda okaýarlar. Azat sapaklaryna örän oňat ýetişýär. Ol Çary, Ata, Mergen daga hem kömek berýär.

*Göçüren sözleriňiziň. ilkinji harpynyň baş harp bilen ýazylmagynyň sebäbini düşündiriň.*

**183-nji gönükme.** *Hekaýany okaň we has gara ýazylan sözleriň nähili atdygyny aýdyň.*



**Merdan** aga köpi gören **adanı.** Ol bütin ömrüni daýhançylyk bilen geçiripdir. Merdan aga däneçilik, pagtaçylyk, bakjaçylyk ýaly ekinlerden bol hasyl almagyň syrlaryny oňat bilýär.

Onuň bugdaýyň, pagtanyň, gök öňümleriň ekiliş düzgünleri, olara seretmegiň ýollary baradaky bize berýän gyzykly gürrüňlerini **Çary, Oraz, Sapar, Mergen** dagymyz hezil edinip diňleýäris.

*Hekaýanyň mazmunyna laýyk gelýän sözbaşy tapyň.*

**184-nji gönükme.** *Okaň we diňe has atlary göçürip alyň.*

Aşgabat şäheriniň gündogar tarapynda uly aýlaw bar. Bu aýlawa "Watan", 'Täze ýol", "Altyn aý" daýhan birleşiklerinden, Bagyr, Änew, Garadamak obalaryndan atlar gelipdir. Bu gün uly at çapyşygy geçirilýär.

At çapyşygyna tomaşa etmek üçin Daşoguz, Mary, Serdar şäherlerinden gelenler-de bar.

Biziň daýhan birleşigimiziň iň oňat atlaryndan Meleguş, Akguş, Garlawaç, Ýyldyrym ýaly atlar getirilipdir, Ilkinji ýaryşda birinji yeri Herrikgala obasyndan Garaguş eýeledi.

1. *Göçürip alan sözleriňiziň. ilkinji harpynyn baş harp bilen yazylmagynyn sebäbini düşündiriň,*

Turkmenkultur.com

2. *Bu ýazga sözbaşy goýňuň we oňa degişli meýilnama ýazyň.*

**Meýilnama:**

1. *Aşgabadyň golaýyndaky aýlaw.*

**2.**

**3.**

* * *

**185-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň. Has gara ýazylan sözleriň nähili atdygyny aýdyň. Mas atlary depderiňize göçüriň.*

Biziň **ýurdumyzda Köpetdag, Küren, Hasar** we

**Balkan** daglary bar. Daglarda **arça** we beýleki **ösümlikler** ösyär. Türkmenistanda birnäçe derýalar hem bar. Olaryň suwunyň pagta we beýleki ekin meýdanlary üçin oran uly ähmiýeti bardyr. **Murgabyň, Amyderýanyň** kenarlarynda köp pagta ekilýar, Pagta biziň baýlygymyzdyr.

1. *Göçüren sözleriňiziň. nämäniň adydygyny we olarýň nähili harp bilen ýazylýandygyny aýdyň.*

**2.** **Kenar** *sözüniň manysyny düşündiriň we sözlük depderiňize ýazyň.*

Turkmenkultur.com